# «Özüñe nesip etsin!»

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
"Özüñe nesip etsin!" «ÖZÜÑE NESIP ETSIN!»

– Be, şu Anna wala-waladan bizar boldum-aý, haçan görseñ, ýoldadyr özem. Sen işlimiñ-işsizmiñ, oña seretmez. Ýanyñda dikilgazyk bolup samahyllap durandyr. Gelen badyna: «Geçip barýardym-da, salamlaşaýyn diýip sowuldym» diýer-de, dünýäñ gürrüñini eder, pah-pah, oñ tanamaýanam ýok, tüýs wala-wala diýseñ, wala-wala-da.
– Ýak, goñşy. Şondan dynmañ, gutulmañ tärini öwredeýinmi!
– Gaýrat et-de, öwretsene!
– Heý şonuñ senden pul soran wagty boldumy?
– Wah, goñşy, dek düýnem sorady.
– Soran puluny bäş-alty günden getirip bereweri! – diýip, ber bakaly, nädersiñ soñ töwerekde şony göräýseñ.
– Be, olam-a bolman durjak däl eken welin, birine «Bir zat ber» diýseler, meñki bolanok-da.
– Aý, onda goñşy, ýagyñ özüñe nesip etsin!

Aýna ATAÝEWA. Satiriki hekaýalar